# Iki gezek hyrka geýen türkmen piri

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Türkmen dili
написано kitapcy | 22 января, 2025
Iki gezek hyrka geýen türkmen piri IKI GEZEK HYRKA GEÝEN TÜRKMEN PIRI

Saparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhnamasynda Gündogar edebiýatynda keramatly pir adyny alan Mäne baba barada şeýle ajaýyp setirler bar:

«Soňra yslam dininde iki ýola hyrka geýen beýik alym, pir Abu Seýid Abul Haýyr – Mäne baba hem Çagry beg bilen Togrul bege döwlet patasyny berýär».

Türkmeniň Görogly beg eýýamynda ýaşap geçen, gaznalylar we seljuklar ýaly iki sany ägirt uly türkmen döwletini gören, 83 ýyl dört aý, jemi 1000 aý ömür süren Gündogar danalarynyň arasynda uly keramat eýesi bolan Mäne babanyň biziň günlerimize çenli saklanyp galan baý edebi mirasy bar. Mäne baba diňe bir yslam nuruny jahana saçan beýik şahsyýet bolman, tanymal şahyr hökmünde hem tanalypdyr, onuň 3360 setir rubagylary we rubagy bölekleri biziň günlerimize gelip ýetipdir.
Mäne babanyň edebi mirasy heniz öwrenilmedik diýen ýaly. Türkmeniň gözüniň göreji, kalbynyň guwanjy «Türkmeniň bäş eýýamynyň ruhy» atly şadessanynda «Mäne baba» atly 104 setirlik nusgalyk şirin dessan ýazylypdyr. Onda:

Mäne baba gije-gündiz zikr edip,
Haweranyň ot-çöpüne dem salýar –

diýilýär.
Mäne baba öz topragyny jany-teni bilen söýen, onuň keramatdygyna doly göz ýetiren ynsan.

Haweran düzünde janlym har olmaz,
Kişi meñ işime giriftar olmaz.
Señ jemalyñ lutfy-yhsany üçin,
Ýüz-müñ jany gurban bersem, ar olmaz.

Türkmeniñ Görogly beg eýýamynda yslam dünýäsine ylym nuruny saçan bu beýik ynsana Saparmyrat Türkmenbaşy mynasyp baha berýär:

Mäne baba, sen uludan ulysyñ,
Sen gudratsyñ, öwlüýäsiñ, welisiñ.

Beýik Serdarymyzyñ şeýle ýokary baha beren welisiniñ edebi mirasyny öwrenmek, rubagylaryny, şygyr böleklerini türkmen diline terjime etmek, ol baradaky halkyñ arasyndan rowaýatlary ýygnamak… biziñ gaýragoýulmasyz wezipämiz bolmalydyr.

Çary KÖMEKOW,
Magtymguly adyndaky TDU-nyñ uly mugallymy. Edebi makalalar